# Zandyñda gerek

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Zandyñda gerek ZANDYÑDA GEREK

Edebi artykdyr Tañry ýalkanyñ,
Ýene pendin alyp durar ol käniñ.
Adalat – edebiñ hamyrmaýasy,
Ylaýym bar kişä ýetsin saýasy.

Ähli mukaddeslik gaýdar ýürekden,
Kim gowluk öwreder – aýdar ýürekden.
Edebiñ ýagşysy ata-eneden
Geçer durar, alar gerek gerekdenm

Edep dörär ýürek emri biläni,
Sowýandyr ol geljek ýüz-müñ belany.
Edep dörär özgäñ derdin duýmakdan,
Ýatlap dursañ haky, baba-kelany.

«Edebiñ ýagşysy – ulyny syla»,
Şoña uýsañ mydam ýararsyñ ile.
Edepli bolmak kyn, agram salmasañ,
Onki süññe, ýürek, goşara, bile.

Sylanşyk gutarar eger haçan-da
Ýalan sözläp, ýagşydan söz Amanda.
Danasyn añarsyñ Magtymgulynyñ,
Ýüregiñ çuñ eleginden geçende.

«Dünýäde biedep men» diýen ýokdur,
Gürlände bar kişiñ gursagy akdyr.
Tanabam duransyñ, sözlände welin,
Bir özi ak guşdur, bir özi päkdir.

Dört aýaklam bolsa, şagal keýik däl,
Aýry zatdyr edep bile beýik päl.
Edep – ähli gowulygyñ melhemi,

Synap, melul köňülleri seýiklär.

Edep bolmaz, ýokka andyňda derek,
Edep üçin ajyň, gandyň-da gerek.
Mys-mysdan, Mustapa diýjek bolýanym,
Edep dilde däl-de, zandyňda gerek.

Kaýum TAŇRYGULYÝEW,
Türkmenistanyň halk ýazyjysy. Goşgular